# Galarmyñ?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Galarmyñ? GALARMYÑ?

Ýüregim  alyp dile,
Ýitme diýsem galarmyň?
Bolaly baky bile,
Itme diýsem galarmyň?

Dogry, ýokdur mende çen,
Kynçylyk bar, gül-de ýeň,
Ah, göwnüme gara reň,
Çitme diýsem galarmyň?

Gözleň derdim dermany,
Sözleň ömür permany,
Köklüme bir armany,
Bitme diýsem galarmyň?

Goý, alaýyn senli dem,
Iki söýgi bagta deň,
Ykbalyma gaýgy-gam,
Gatma diýsem galarmyň?

Ömrüme many gatan,
Eger bolsa geç hatam,
Ýekelige bir gadam,
Ätme diýsem galarmyň?

Mydam salýaryn ýada,
Mähir bolsun yşk ýa-da,
Hak söýgiňi  sen ýada,
Satma diýsem galarmyň?

Lebi gunça, galam gaş,
Mahmal saça bereý paç,
Dirilikde mazar daş,

Dikme diýsem galarmyň?

Kejirligi depeläp,
Yşga şatlyk sepeläp,
Özlügimi ýekeläp,
Gitme diýsem galarmyň?

Ahmet ARAZOW. Goşgular